# Häzirki zaman edebiýatynda 10 sany täsin ugurlar we žanrlar

Category: Edebiýaty öwreniş,Goşgular,Hekaýalar,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Häzirki zaman edebiýatynda 10 sany täsin ugurlar we žanrlar
HÄZIRKI ZAMAN EDEBIÝATYNDA 10 SANY TÄSIN UGURLAR WE ŽANRLAR



Öz döwründe, iňlis matematigi we ýazyjysy Lýuis Kerrollyň “Alisa täsinlikler ýurdunda” atly absurd žanrynda ýazylan fantasmagoriýasy (geň-taň sýužetli, grotesk, burlesk, absurd, paradoks ýaly usullar ulanyp ýazylan eser), dünýä edebiýatynda iň bir geň-taň eserleriň biri hökmünde ykrar edilipdir. Şu günki günde bolsa, geň-taňlykda “Alisany” “aňkartjak” eserleriň, hetdi bar-da hasaby ýok :-). Diňe bir psihodeliki žanrda ýazylan çeper eserler ýa-da nuar (garaňkylyk, tümlük), andegraund (ýerasty, ýerzemin) edebiýatyny agzamagam munuň aýdyň mysaly bolup biler.
Ine, şunuň bilen baglylykda-da häzirki zaman edebiýatynyň

özboluşly 10 sany akymy we žanry barada-da iki agyz söz.

## 1. Bizarro-fikşn

“Täsin toslama (hyýal, fantaziýa)” diýen iňlis sözlerinden emele gelen bu adalga (termin), takmynan 2005-nji ýyllarda, çeper edebiýatyň özbaşdak žanry hökmünde ykrar edilip başlanýar.
Bizarro-fikşn eserleriniň esasy alamatlary:
– personažlaryň (çeper gahrymanlaryň) ýarymdäli, sähne, alogiki (mantyksyz, mantygyň tersine) häsiýetli bolmagy;
– eserde geň-taň henegiň (ýumoryň), ýagny “frikler üçin ýumoryň” ulanylmagy (iňlisçe: Freak – däli, sähne adam).
Bu edebiýat žanrynda geň-taň görnüşde çeper eser döredilýändigine garamazdan, ol okyjylaryň aýry-aýry toparlarynyň arasynda meşhurlyga eýe bolmagyň hötdesinden gelipdir. Bu žanrda adybelli “Urşujylar kluby” atly eseriň awtory Çak Palanik hem ýazýar.
Biziň türkmen ýazyjylarymyzdan, esasanam ýaşlardan bizarro-fikşn žanrynyň ol ýa-da beýleki elementlerini, “Anna Darakdiş” edebi lakamy bilen ýazýan ýaş awtoryň “Mizofon”, “Mizantrop”, “Saýt labirinti”, “Introwertiň sag ýarymşary”, “Prometeýiň Frankenşteýne sowgatlyk “darakdişi”” ýaly gysga göwrümli hekaýalaryny, “Rahman Zulfikar” tahallusy bilen ýazýan Begli Gowşakowyň hekaýalarynyň käbirini, Şirhan Allaberdiýewiň, “Has Türkmen” edebi lakamy bilen ýazýan Wepa Çaryýarowyň käbir hekaýalaryny, Umyt Küläýewiň “08” atly hekaýasyny, Maksat Bäşimowyň “Post mortem” ýaly hekaýalaryny we käbir beýleki ýaş ýazyjylaryň hekaýalaryny degişli etmek bolar.

## 2. Ulippo

Bu edebiýat žanry bolsa, bizarro-fikşndenem has geň-taň bolup durýar. Bu žanr 1960-njy ýyllarda Fransiýada ýüze çykýar. Ony ilkinji bolup oýlap tapanlar fransuz ýazyjylary Raýmon Keno hem-de Fransua le Lionnedir. Ilkibaşda bu edebiýat žanry: “ouvroir de literature” diýlip atlandyrylýan ekeni. Bu adalgaň fransuz dilinden terjimesi, takmynan: “potensial (mümkinçiligi köp) edebiýatyň ussahanasy” bolýar. Uzagyndan bu adalga

gysgaldylyp, “Ulippo” diýen görnüşe geçipdir.
Ulippo žanrynyň esasy alamatlary:
– matematiki meselelere we deňlemelere esaslanýan, hasaplamaly tekstler;
– çeper tekst ýazylanda onda beýan etmek erkinliginiň berk çäklendirilmegi.
Ulippo žanrynyň nusgawy eserleri Raýmon Kenonyň “Stildäki türgenleşikler” we Žorž Persekiň “Boşluk” atly kitaplary bolup durýar. Biziň türkmen şahyrlarymyzyň döredijiliginde Hemra Şirowyň matematiki şygyr düzmek boýunça geçiren synaglaryny, usullaryny belli bir derejede ulippo žanryna degişli etmek bolar.

## 3. Grotesk erotiki samrama (Ero Guro Nansensu)

Gysgaça: “Eroguro” diýlip atlandyrylýan bu edebiýat žanry, takmynan 1920-1930-njy ýyllarda emele gelip meşhurlyga eýe bolupdyr. Bu žanr häzirki wagtda esasanam ýapon edebiýatynda has ýörgünlidir. Şol sebäpli bu edebiýat žanrynyň aňlatmasam hut ýapon we iňlis sözleriniň garnuwyndan emele gelendir.
Eroguro žanrynyň esasy alamatlary:
– grotesk (fransuzça: grotesque – gülkünç, geň-taň) usulynyň giňden ulanylmagy;
– çeper sýužetiň many-mantyga (logika) laýyk gelmeýän samrama görnüşinde berilmegi;
– çeper eseriň içinden intim (içgin, pynhan) jynsy gatnaşyklaryň eriş-argaç bolup geçmegi hem-de sýužetde gödek hem bihaýa usulda jynsy gatnaşyk, jynsy zorluk sahnalarynyň aç-açan ýa-da çeperçilige çala duwlap beýan edilmegi.
Erogurp žanrynyň meşhur ýazyjylarynyň biri, jenaýatçylykly wakalary çeperleşdirip beýan edýän ýapon ýazyjysy Edogawa Rampodyr. Onuň eserlerinde hut eroguro žanryna mahsus erotiki we dekadentlik düzüm bölekleri has ýiti ulanylýar (Fransuzça: dekadent – çökgünlik, edebiýatda we sungatda geçen asyryň 20-nji ýyllarynda we ondan öňräk ýüze çykyp, tä Ikinji jahan urşunyň öň ýanlaryna çenli dowam eden, hemme zatdan göwnigeçme, dünýeden doýgun halda diňe şahsy lezzete, onuňam

melanholiki görnüşine ýykgyn etmek bilen aňladylan akym).
Häzirki zaman internet türkmen edebiýatynda-da, ýaş ýazyjylaryň käbiriniň eserlerinde eroguro žanrynyň düzüm böleklerini aýdyň görmek bolýar. Belli bir derejede eroguro žanrynyň käbir düzüm böleklerini görmek bolýan ýaş türkmen ýazyjylarynyň hekaýalary hakda, “Bedroý edebiýat: naturalizm we nuar” atly, şu salgyda: http://kitapcy.ru/news/bedroy_edebiyat_naturalizm_we_nuar/2022-09-22-23158. goýlan makalajykda, şeýle hem, “Epataž: wejeralykmy ýa-da kakabaş sungat” atly, şu salgyda: http://kitapcy.ru/news/epataz/2022-09-24-23187. ýerleşdirilen makalada agzalyp geçilipdi.

## 4. Aspergeriň realizmi (hakyky durmuşyçyllygy)

Bu adalga, esasan alternatiw edebiýatyň dürli akymlaryna ýykgyn edýän ýazyjylary aňlatmak üçin ulanylýar. Alternatiw edebiýat – gysgaça aýdylanda: “Alt-lit” bu, internetde ýazmak we onlaýn görnüşde çeper eserleri çap etdirmek usullaryna ýykgyn edýän, dessurlaýyn edebiýatyň çarçuwalary bilen çäklendirilmedik, ýazyjylar, şahyrlar tarapyndan oýlanyp tapylýan, ýörgünli ýa-da jyzlanyň ömri ýaly döredilen/oýlanyp tapylan dessine ýok bolup gidip, okyjylar köpçüligi tarapyndan undulýan, ýa-da “doglanynda” “öli dogulýan” çeper edebi žanrlaryň we akymlaryň ymgyr toplumydyr.
Bu žanryň ady psihiatriýada “Aspergeriň sindromy” diýlip atlandyrylýan dogabitdi kemakyllyk görnüşindäki ruhy bozulmanyň adyndan gelip çykýar.
Bu çeper edebi žanryň görnükli wekilleri Tao Lin we Mari Kelloueý bolup durýar. Olaryň ikisem 20 ýaşlarynda özleriniň düýpgöter duýgusyz, robotlaşdyrylan çeper beýan ediş usuly bilen meşhurlyk gazanypdyrlar. Olar hakykat ýüzünde öz personažlarynyň (çeper obrazlarynyň, çeper gahrymanlarynyň) durmuşynyň taryhyny amerikan komiksleriniň stilinde düzülen Facebook jemgyýetçilik saýtyndan alnan skrinşotlar (ekranyň ýüzünden surata alnan suratlar), smsler, fotosuratlar, e-meil hat-habarlar bilen beýan edipdirler.

Häzirki zaman türkmen edebiýatynda munuň ýaly usulda ýazylan hekaýanyň diňe bir mysalyny bilýärin. Maksat Bäşimowyň “Aw” atly sms-hekaýasy.

## 5. Kalligramma

Fransuz şahyry we sungat tankytçysy Giýom Apolliner, 1918-nji ýylda ilkinji gezek kalligramma – figuralaýyn şygry döredýär. Bu çeper edebi stilinde harplar surat görnüşinde (mysal üçin: atyň ýa-da Eýfel minarasynyň şekilinde) ýerleşdirilýär. Apolineriň birinji şeýle stildäki neşiri çap edilenden soňra birnäçe ýazyjylar we şahyrlaram şeýle usulda özboluşly kalligrammalary döredip ugraýarlar. Bu edebi çeper stilde ýazmak bilen Jimmi Hendriks, Freddi Merkýuri, Odri Hepbern ýaly sungatyň dürli ugurlarynda adygan adamlar hem gyzygypdyrlar.
Biziň türkmen edebiýatymyzda-da kalligramma stilinde synag geçirýän awtorlardan diňe Hemra Şirowyň romb, ýyldyz, jedwel (tablisa) we ş.m. görnüşlerde şygyr ýazmaga eden synanyşyklary ýadyma düşýär.

## 6. Dadaizm

Bu edebiýat we sungat akymy barada “Modernizm we minimalizm: Bir şygryň anatomiýasynda” atly, şu salgyda: http://kitapcy.ru/news/modernizm_we_ minimalizm _bir_sygryn_anatomiyasynda /2023-03-14-26194. ýerleşdirilen edebi syn-makalajykda hem gysgajyk bellenipdi.
Bu akymyň esasan edebiýat däl-de sungat akymydygyna garamazdan 20-nji asyryň başynda emele gelen bu çeperçilik akymynyň çeper edebiýatda-da öz ornuny tapandygyny agzaman geçmek bolmaz. Aslynda, edebiýatşynaslaryň arasynda bu akymyň emele gelmegini Birinji jahan urşunyň adamlaryň içki dünýäsine beren ruhy sarsgynyna garşy jogap hökmünde emele gelendigi hakyndaky pikir ýörgünli.
Netijede, dadaizm akymyna, şol döwürde agalyk ediji, kolonializm, aktenlileriň siwilizasiýanyň başga reňkli tenlileriň medeniýeti babatda “ig, ýokarda duryan”

hasaplanmagy, kapitalizm (baýlykparazçylyk), milletparazçylyk ýaly ideologiýalaryna (aňyýet ulgamlaryna), garşy nepislige, içki, çuňňur gözellige, şahsyýetiň jemgyýetden erkinligine ýykgyn etmek ideýalary (başpikirleri) mahsus bolupdyr.
Dadaizm sungatynyň eserleriniň aglaba köpüsi hut şonuň üçin, umumy ykrar edilen dessurlaýyn sungat usullarydyr düzgünleri babatda pitneçil häsiýete eýedir. Şeýle eserlerde dessurlaýyn sungatyň mantyk (logiki) taýdan düzgün-tertipliligine garşy, bulam-bujarlyk (haos) we tabyn bolmazlyk (anarhiýa) usullary ulanylýar.
Dadaizm şygryýetinde has meşhur awtorlaryň biri iňlis aýdymçysy, rok-sazandasy, aýdymlaryň awtory, prodýuser, nakgaş, aktýor Dewid Bouidir (1947-2016). Ol özüniň suratlarynda, filmlerinde, kliplerinde, aýdymlarynda dadaizmiň ýene-de bir özboluşly usuly bolan cut-up usulyny ulanypdyr. Bu usul şygyr setirlerini logikanyň kanunlarynyň tersine gysgaltmakda aňladylypdyr.
Dewid Bouiniň cut-up stilde ýazylan şygyrlarynyň nusgasy hökmünde şu aşakdaky goşgynyň howul-hara, ebeteýsiz  terjimesini, getireýin:

## Dünýäni satan adam

Basgançakdan barýardyk biz
diwarlaň hem kerepleň arasyndan
hem gürrüň edýärdik:
men hem şol jenap.
Aýtdym men, dosty bolupdym
onuň, haçanam bolsa bir wagt.
Dost bolanymyzam biziň –
meniň ýadyma düşmeýärdi şol…
Şonda meniň gülkim tutdy
ol ölüpdi ahyr, birmahal…

– Ýog-a! Men diri!
Jylawy elden bermedim.
Ýüzbe-ýüz dursuň
dünýäni satanyň öňünde!

Men gülüp goýberdim-de
onuň egnine kakdym.
Diýdim: ýeri nä, ýaşa,
a men bolsa öýüme gaýdasym gelýär.
Dünýäň ýüzünde ygmaga başladym,
adamlaň gözlerine seretmäge
men, hökman ýaşaýmalylaryň,
ýöne diňe ölmegi başaranlaryň,
birmahalky dosty hökmünde,
bu bolsa, düýbünden gülkünç däl…

Ýöne, meniň özüm diri!
Jylawy elden bermedim…
Ýüzbe-ýüz dursuň
dünýäni satanyň öňünde!

Ýöne, meniň özüm diri!
Jylawy elden bermedim…
Ýüzbe-ýüz dursuň
dünýäni satanyň öňünde!

Türkmen şygryýetinde-de dadaizm stiliniň ol ýa-da beýleki bir düzüm bölekleri Has Türkmeniň, Suraý Babanyýazowanyň, Laçyn Pürjäýewanyň, Aýsapar Emelowanyň, Aýgül Baýadowanyň, Baýram Bejidowyň, Gurbanmyrat Saryýewiň, merhum ýaş şahyr Eziz Amannazarowyň döredijiliginde, şeýle hem daşary ýurtda ýaşaýan türkmen şahyry Ybraýym Badahşanynyň şygyrlarynda ýiti duýulýar.
Häzirki zaman türkmen edebiýatynyň kyssa žanrynda eser ýazýan awtorlardan bolsa Maksat Bäşimowyň, Umyt Küläniň, Anna Darakdişiň, Begli Gowşakowyň, Sylapberdi Muhamowyň käbir hekaýalarynda, Nejep Baýadyň “Zombi”, “Depegöz” atly hekaýalarynda dadaizme mahsus, ol ýa-da beýleki elementleriň bardygyny aňşyrmak bolýar.

## 7. Asemiki hat

Adamlar, edebiýat we hat ýazgyly görnüşde (formada) ýazylan

zatlar hakda ýatlanylan badyna, hökman göz öňüne harplaryň jeminden emele getirilen sözleri göz öňüne getirýärler.
Adamlara mahsus bolan bu assosiatiw pikirlenmek (nämedir bir zat bilen deňeşdirip, nämedir bir zada ýanap, degişli edip oýlanmak) endiginiň tersine, asemiki hat – bu düýbünden sözde aňladylmaýan hatyň görnüşi bolup durýar. Asemiki hatda adamlara endikli bolan harp-belgileriň deregine, täsin, adaty bolmadyk çyrşaňňy şekiljikler, nyşanlar, belli bir anyk manysy bolmadyk, ýöne özüneçekiji naşy, owadan belgijikler ulanylýar.
"Asemiki hat" diýen adalga, ilkibaşda ýüze çykanda, "asemiýa" diýen, haýsydyr bir zatlara simwollaryň, hatyň, sanlaryň ýa-da başga bir şekilde aňladylýan manylara düşünmek ukyby düýbünden ýok bolan, dogabitdi ýa-da soňra alnan şikes zerarly ýüze çykan ruhy bozulmanyň lukmançylyk aňlatmasyndan gelip çykypdyr.
"Asemiýa" keselinden ejir çekýänler, umumy ykrar edilen simwolika ulgamyny düýbünden kabul edip bilmeýändikleri sebäpli dünýä düşünmek üçin, özlerine ýok dili, ýok elipbiýi, ýok aňlatmalar ulgamyny oýlap tapýarlar. Şol birwagtda-da asemiki hat, şol dili oýlap tapan aýry-aýry kesselliniň hut özünden başga hiç kese düşnüksiz, bimany zat hasaplanmaýar.
Tersine, asemiki hatyň abstrakt (howaýy, hyýaly) häsiýetliligi we ýeňillik bilen okap bolmazlygy, oňa isleýşiňçe giň manyda düşünmäge we onda beýan edilen pikirleri, duýgulary her kesiň özüçe kabul etmegine, doly erkinligini döredýär. Şeýlelikde, asemiki hatda ýazylan eserlerde, her bir okyjy, her bir synlaýjy özüne laýyk bolýan, diňe täk-tenha özüniň "görýän" zadyny görýän, ýekeje özüniň "okaýan" zadynam okaýar.
Sungatyň hakyky, doly (absolýut) erkinligi şu däl-de, näme dagy? 

## 8. Flarf şygryýeti

Şygryýetiň bu formasy, biri-biri bilen nätanyş ýa-da real däl-de wirtual tanyş şahyrlaryň elektron hat-habar alşygynyň esasynda döredilipdir. Esasanam bu stilde ýazylan şygyrlar internetden tötänleýin alnan jümlelerden (sitatalardan), Gugl-

gözleg web-saýtyna ýazylan gözleg soraglaryndan, birek-birege ýollanylan, gysgajyk sms habarlaryndan we ş.m. web-eýýamyna mahsus maglumat alyş-çalyş usullarynyň "dänejiklerinden" düzülipdir.
"Flarf" adalgasy, öň bar bolan tekstleriň dogabitdi, tebigy ýürekbulanjydygyny aňladýan we gözegçilik astyndan çykan, syýasy taýdan salyhatly (korrektleýin) bolmadyk, bozgakçylyk äheňli ýazgylary aňladýan, iňlis-amerikan sleng (žargon, köçe diline mahsus sözden) gelip çykypdyr.
Ilkinji flarf-goşgy, 2001-nji ýylyň maýynda Geri Salliwan özüniň mümkin boldugyndan erbet hem-de umumy ykrar edilen şygryýet kanunlary babatda mümkin boldugyndan kemsidiji, masgaralaýjy şygryny şygryýet bäsleşigine ýollanyndan soň köpçülige ýaýraýar. Elbetde ol şygryýet bäsleşiginde ýeňiji orunlaryň hiç birine-de mynasyp bolmaýar :-). Ýöne onuň şygryýet epatažy oňa meşhurlyk getirýär. Şondan soňam ýaş, bozgak häsiýetli şahyrlaryň arasynda özleriniň iň erbet, flarf žanrynda ýazylan şygyrlaryny dürli şygryýet bäsleşiklerine ýollamak nysagy (modasy) emele gelýär.
Emma, bu stil, gödegem, bihaýa-da bolsa, degişme, oýun hökmünde döränem bolsa, häzirki wagtda ol dünýä edebiýatynda iň bir köp çekişme döredýän edebi-çeper žanrlaryň biri bolup durýar.
Mysal üçin: nemes flarf-şahyry, konkretisti (takykçyly :-)) Oýgen Gomringeriň **"Dymmak"** atly şygry:

dymmak dymmak dymmak
dymmak dymmak dymmak
dymmak dymmak
dymmak dymmak dymmak
dymmak dymmak dymmak

## 9. Spoýetri (spam-şygryýet)

Web-eýýam, şygryýet stilleriniň ýene-de bir geň-taň görnüşini ýüze çykardy. Olam edil flarf şygryýete çalymdaş bolsa-da, onuň käbir özüne mahsus tapawutlyklary bar. Spoýetri şygryýetinde, täsin şygyr setirini düzmek üçin internetde

ýörite gözleg geçirilmeýär. Spam-şygryýetiň adyndan görnüşi ýaly, munda goşgular, ol ýa-da beýleki awtoryň e-mail salgysyna gelip gowuşýan dürli reklama, maglumat, çakylyk häsiýetli garaşylmadyk habarlardan – spamlardan düzülýär.
Adatça, spam-şygryýet eserleri henek häsiýetli, juda gülkünç hem geň-enaýy bolýar. Mysal üçin, käbir spam-şahyrlar öz e-mail salgylaryna gelip gowşan, jynsy höwesiňi gyjyndyryjy Wiagra derman serişdesiniň reklamasyndaky sözlerde özleri üçin üýtgeşik bir şygryýet owadanlygyny saýgarmagy başarýarlar :-).
Mysal üçin, internetden alnan, awtory **“Indrik”** diýen nikli ýazar bolan, spam-şygryň nusgasy:

**Ruhy spam**

Eger-de sizi melgunyň mamasyna ýollaýan bolsalar,
Diýmek, siz onuň ejesiniň ýanynda eýýäm bolansyňyz!

Ruhlaryň bize ýükleýän hemme ýüki –
Feýkleýin RUHY SPAM!
Çaklaň – şu spam bilen
Haýsy Ejäň ýanyna bararys, biz?

*(Çeşmesi: https//www.SunHome.ru/poetry/spam. 25.04.2023ý.)*

## 10. Ergodiki edebiýat

Kompýuter oýunlarynyň, esasanam onlaýn oýnalýan Grand Theft Auto V, Arwahbasar-3 (Wedmak-3) ýaly internet oýunlarynyň dünýäde meşhurlyk gazanmagy bilen, “ergodiki edebiýat” diýlip atlandyrylan, täze edebi žanr ýörgünli bolup başlaýar.
Gysgaça aýdylanda, ergodiki edebiýatda okyjy, diňe ýazyjynyň düzen eserini keseki okaýançy bolman, eýsem edebi-çeper teksti düzmeklige işjeň gatnaşýar. Edil kompýuter oýunlarynda oýunçynyň özüniň oýun personažyny (öz ýunitini) ýöredişi, ony dolandyryşy ýaly, ergodiki edebiýatda-da okyjy ýazgyny okamagyň alternatiw (seçip-saýlap bolýan) görnüşlerini (wariantlaryny) hödürleýär we saýlap alýar. Ol ergodiki edebiýat eseriniň mazmunyna goşulyp, ony özüçe üýtgedýär. Şeýdibem müňlerçe awtorlaryň awtordaşlygynda ýazylan,

özboluşly çeper eser emele gelýär.
Elbetde, häzirki zaman edebiýatşynaslary web-eýýamdan öňki döwürde-de, beýle adalga bilen belgilenmedik, ýöne şu edebi-çeper žanryna doly degişli etmek bolýan eserleriň bolandygyny belleýärler. Mysal üçin Horhe Luis Borhesiň “Ýaýraýan ýodalaryň çarbagy” atly eserinde-de oýlanyp tapylan ýazyjy, baş gahrymanynyň öz başyna düşen jygba-jyg hadysalardan baş alyp çykmagynyň ähli mümkin bolan ýollaryny (wariantlaryny) çeper suratlandyrýan romany ýazmaga synanyşýar. Netijede şol romanda bir esasy beýan ediş “ýolunyň” gapdaly bilen ondan “çar tarapa ýaýrap” gidýän birnäçe özbaşdak sýužet “ýodalary” peýda bolýar.

*Bu makalada, şu salgydaky: https://kulturologia.ru/blogs/070715/25193/. 25.04.2023ý. maglumatlar ulanyldy.* Edebiýaty öwreniş